Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky
№109 buýrugy bilen tassyklanyldy

# SENAGAT ÖNÜMI BOÝUNÇA HASABATLARY DÜZMEK ÜÇIN UMUMY GOLLANMA

**AŞGABAT – 2022**

## MAZMUNY


| | | |
|---|---|---|
| 1. | Umumy düzgünler ............................................................ | 3 |
| 2. | Öndürilen senagat önüminiň möçberi …………………… | 8 |
| 3. | Geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda senagat önüminiň möçberi ………………………………………………… | 14 |
| 4. | Iberilen önümleriň möçberi ……………………..……… | 15 |
| 5. | Önümiň möçberini kesgitlemekde ulanylýan nyrhlar barada ...………………………………………………… | 17 |
| 6. | Önümleriň natural görnüşde öndürilişi …............................ | 18 |
| 7. | Goýberilýän nyrhlarda sarp ediş harytlarynyň öndürilişi …. | 21 |
| 7.1. | Sarp ediş azyklyk harytlar ............................................... | 22 |
| 7.2. | Sarp ediş azyk däl harytlar .......................................... | 23 |
| 8. | Hasabat maglumatlaryny düzetmegiň tertibi ....……….... | 25 |

## 1. Umumy düzgünler

1. Şu gollanma senagat önümleriniň esasy görkezijileriniň emele gelşiniň düzümini we usulyýetini kesgitleýär. Senagat önümleriniň öndürilişine döwlet statistik gözegçiliginiň tertibi gözegçilik edilýän hojalyk ýöredijileriň (edara görnüşli we şahsy taraplaryň) görnüşine baglydyr, onuň esasynda döwlet statistika edaralary tarapyndan döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynyň sanawy, olary tabşyrmaklygyň döwürleýinligi, olary doldurmak boýunça gollanmalary kesgitlenilýär.

2. Senagat önümlerini öndürýän (şol sanda olaryň esasy işleri bolmasa-da) hemme hojalyk ýöredijiler kärhanalaryň (önümçilikleriň) şular ýaly görnüşleri üçin işlenilen, senagat önümleriniň görkezijileri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny bellenilen döwürler bilen, formada görkezilen salgylaryna we möhletlerinde tabşyrmaly.

Şahsy taraplar senagat önümi boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny hususy telekeçi bolan ýagdaýynda tabşyrýarlar. Hususy telekeçiler diýlip, edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işleri bilen meşgullanýan, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde döwlet belliginden geçen raýatlara düşünilýär.

3. Hojalyk ýöredijileriň senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny, düzgün boýunça, senagat önümçiliginiň hakyky ýerleşýän ýeri boýunça tabşyrýarlar.

Forma hojalyk ýörediji boýunça maglumatlar tutuşlygyna, ýagny, bu hojalyk ýöredijiniň şahamçalary we düzüm bölekleri boýunça, olaryň ýerleşýän ýerlerine garamazdan goşulýar. Zerur bolan halatynda, döwlet statistika edarasynyň görkezmesi esasynda tutuş edara görnüşli tarap boýunça döwlet statistik hasabatlylyk formasy bilen bilelikde, olaryň beýleki welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň çäklerinde ýerleşýän şahamçalary boýunça-da maglumatlar tabşyrylmalydyr.

4. Wagtlaýyn işlemeýän kärhanalar (önümçilikler), hasabat döwrüniň belli bir böleginde olarda önüm öndürilen bolsa, senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny olaryň

haýsy wagtdan bäri işlemeýändiklerini görkezip umumy esasda tabşyrýarlar.

5. Golçur we garaşly hojalyk jemgyýetleri senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny şu gollanmanyň 2-nji bendine laýyklykda umumy esasda tabşyrýarlar. Öz düzümlerinde golçur ýa-da garaşly jemgyýetler bolan esasy hojalyk jemgyýetleri ýa-da şereketler senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryna golçur we garaşly jemgyýetler boýunça maglumatlary goşmaýarlar.

6. Ýönekeý şereketiň şertnamasy (bilelikdäki işler barada şertnama) esasynda senagat işlerini amala aşyrýan ýagdaýynda, döwlet statistik hasabatlylygyň formalary doldurylanda, bilelikdäki işleriň netijesinde şerekete gatnaşyjylar tarapyndan öndürilen önümler, eger ýönekeý şereketiň şertnamasy ýa-da başga bir ylalaşyklar bilen başga bir zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, şereketleriň arasynda olaryň umumy iş üçin goýan goýumlarynyň gymmatyna görä deň ölçegde bölünýär. Eger-de önümi şerekete gatnaşyjylaryň arasynda bölüp bolmaýan bolsa (mysal üçin iri enjam), onda döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynda ol hakyndaky maglumatlar umumy emlägiň hasabyny alyp barýan şerekete gatnaşyjy tarapyndan görkezilýar.

7. Önümleri paýlaşmak baradaky ylalaşyga (ÖPY) laýyklykda senagat önümleri öndürilýän mahalynda, döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynda şol önüm barada maglumatlary önümiň paýlanyş şertine we tertibine garamazdan, hakyky önüm öndüren edara görnüşli tarap görkezýär.

8. Senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalary ilkinji hasaba alnyşyň (taýýar önümiň ýanhaty, taýýar önümiň kabul ediliş delilnamasy, tamamlanmadyk önümçiligiň tükelleýiş delilnamasy we başgalar) dogry maglumatlary esasynda doldurylýar.

Hojalyk ýöredijileriň ýolbaşçylary döwlet statistik hasabatlylygyň formalary boýunça tabşyrylýan maglumatlaryň öz wagtynda tabşyrylmagyna we olaryň dogrulygyna jogapkärçilik çekýärler.

9. Döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynda senagat önümleri barada maglumatlar senenamanyň bellenilen döwri boýunça görkezilýär. Mysal üçin, hasabat aýynyň maglumatlary şol aýyň birinji gününden ahyrky güni bilen (goşulyp), ýylyň başyndan bäri maglumatlar birinji ýanwardan hasabat döwrüniň ahyrky gününe çenli aralykda we ş.m. emele gelýär.

10. Hasabat döwri boýunça döwlet statistik hasabatylyk formasynda getirilen geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary geçen ýylyň maglumatlaryny anyklamadan, edara görnüşli tarapyň düzüminiň ýa-da görkezijiniň emele gelşiniň usulyýetiniň üýtgemekliginden başga ýagdaýlarda geçen ýylyň şu döwri boýunça berlen formalaryň maglumatlary bilen deň gelmelidir. Şol bir döwürler boýunça, ýöne dürli formalarda görkezilen maglumatlaryň deň gelmezliginiň hemme ýagdaýlary, forma üçin düşündirişde düşündirilmelidir.

Haçan-da hasabat ýylynda geçen ýyl bilen deňeşdirilende önümiň möçberini kesgitlemegiň usulyýetiniň ýa-da edara görnüşli tarapyň düzüminiň üýtgemegi bolan bolsa, şu ýylyň döwlet statistik hasabatlylyk formasynda senagat önümleri barada geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hasabat ýylynyň usulyýeti we düzümi boýunça görkezilýär.

Eger önümiň möçberini kesgitlemegiň usulyýetiniň ýa-da edara görnüşli tarapyň düzüminiň üýtgemegi hasabat ýylynyň dowamynda bolan bolsa, onda önüm barada maglumatlar hasabat ýylynyň başyndan bäri täze usulyýetden we düzümden ugur alyp, ýagny usulyýetiň we guramaçylyk düzüminiň üýtgemeginden ozalky döwri hem goşup getirilýär. Geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hem täze usulyýete we edara görnüşli tarapyň düzümine laýyklykda görkezilýär.

11. Guramaçylyk düzümi üýtgän ýagdaýynda senagat önüminiň möçberi barada maglumatlar şular ýaly tertipde emele gelýär.

11.1. Düzüminden aýratyn şahamçalary ýa-da bölümçeleri (önümçilikler, sehler, uçastoklar we başgalar) beýleki edara görnüşli tarapa geçirilen ýa-da özbaşdak edara görnüşli tarap bolup aýrylan bolsa, şu şahamçalar we bölümçeler tarapyndan öndürilen önüm olar geçirilmänkä ýa-da aýrylmanka şu edara görnüşli tarapyň öz içerki

senagat-önümçilik zerurlyklaryna ugradylan hem bolsa, onda şu edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny geçirilen ýa-da aýrylan şahamçalaryň we bölümçeleriň görkezijilerini aýyrman doldurýar.

11.2. Beýleki edara görnüşli tarapdan aýrylan we 11.1 bentdäki görkezilen önümleri öndüren şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň binýadynda döredilen edara görnüşli tarap, senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny onuň döredilen wagtyndan başlap, bu şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň hasabat ýylynyň başyndan bäri olar bölünip aýrylmanka döwür boýunça görkezijileri goşmazdan doldurýarlar. Şonda, geçen ýyl boýunça maglumatlar hasabat ýylynyň şu şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň özbaşdak edara görnüşli tarapa bölünip aýrylandan soňky döwrüne degişli bolan döwür boýunça görkezilýär.

Beýleki edara görnüşli tarapdan geçirilen we 11.1 bentdäki görkezilen önümleri öndüren şahamçalary ýa-da bölümçeleri özüne birikdiren edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny şu şahamçalar ýa-da bölümçeler birikdirilmänkä olaryň hasabat ýylynyň başyndan bäri döwür boýunça görkezijilerini goşman doldurýarlar. Şonda, şu şahamçalar ýa-da bölümçeler boýunça geçen ýylyň maglumatlary hasabat ýylynyň şu şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň edara görnüşli tarapa birikdirilenden soňky döwrüne degişli bolan döwür boýunça görkezilýär.

11.3. Düzüminden aýratyn şahamçalary ýa-da bölümçeleri (önümçilikler, sehler, uçastoklar we başgalar) beýleki edara görnüşli tarapa geçirilen ýa-da özbaşdak edara görnüşli tarap bolup aýrylan bolsa, şu şahamçalar ýa-da bölümçeler tarapyndan öndürilen önüm olar geçirilmänkä ýa-da aýrylmanka başga ýerlere ýerlenen hem bolsa, onda şu edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny geçirilen ýa-da aýrylan şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň işleriniň hasabat ýylynyň olar geçirilmezden ýa-da aýrylmazdan ozalky hemme geçen döwri we geçen ýylyň hemme döwri boýunça görkezijilerini aýryp doldurýarlar.

11.4. Beýleki edara görnüşli tarapdan aýrylan we 11.3 bentdäki görkezilen önümleri öndüren şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň binýadynda döredilen edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny şu şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň işleriniň ýylyň başyndan bäri, ýagny olaryň aýratyn

edara görnüşli tarapa aýrylmazdan ozalky döwür boýunça görkezijilerini goşup doldurýarlar. Şonda görkezilen edara görnüşli tarap geçen ýylyň degişli döwri boýunça maglumatlary hem ýylyň başyndan bäri görkezýär.

Beýleki edara görnüşli tarapdan geçirilen we 11.3 bentdäki görkezilen önümleri öndüren şahamçalary ýa-da bölümçeleri özüne birikdiren edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny şu şahamçalaryň ýa-da bölümçeleriň işleriniň ýylyň başyndan bäri, ýagny olar birikdirilmezden ozalky döwür boýunça görkezijilerini goşup doldurýarlar. Şonda, şu şahamçalar ýa-da bölümçeler boýunça geçen ýylyň maglumatlary ýylyň başyndan bäri hem görkezilýär.

11.5. Edara görnüşli tarap bir görnüşden edara görnüşli tarapyň başga bir görnüşine üýtgedilende (guramaçylyk-hukuk görnüşiniň üýtgemegi) senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylyk formasynda şu edara görnüşli tarap boýunça maglumatlar ýylyň başyndan bäri, ýagny üýtgedilmezden ozalky döwür boýunça işleriň görkezijilerini goşup görkezilýär. Geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary ýylyň başyndan bäri hem görkezilýär.

11.6. Edara görnüşli taraplaryň birikdirilmeginiň netijesinde döredilen edara görnüşli tarap senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynda hasabat döwri we geçen ýylyň degişli döwri boýunça maglumatlar birikdirilen edara görnüşli taraplaryň olar birikdirilmezden ozalky döwür boýunça işleriň görkezijilerini goşup, ýöne, birikdirilen edara görnüşli taraplaryň biri tarapyndan öndüren we beýleki tarapdan senagat-önümçilik zerurlyklaryna peýdalanylan önümi aýryp görkezýär.

11.7. Edara görnüşli tarapyň aýratyn bölümleri (şahamçalar ýa-da bölümçeler) ýatyrylanda şol ýatyrylan bölümler boýunça önümler barada maglumatlar hasabat ýylynyň (ýatyrylmaka) geçen döwri we geçen ýylyň degişli döwri boýunça maglumatlardan aýrylmaýar.

11.8. Eger-de senagat önümçiligi (bölümçe) ozal senagata degişli bolmadyk (mysal üçin, gurluşyk) guramalaryň balansynda duran bolsa, soňra bolsa ýylyň dowamynda özbaşdak ýuridiki şahs bolup aýrylan bolsa, onda senagat önümleri boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formasynda şu edara görnüşli tarap barada maglumatlar ýylyň başyndan bäri, ýagny onuň bölünmezinden ozalky

döwür boýunça işleriň görkezijileri goşulyp görkezilýär. Geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hem ýylyň başyndan bäri görkezilýär.

## 2. Öndürilen senagat önüminiň möçberi

12. Hojalyk ýöredijiniň öndüren senagat önüminiň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberi, ýeňil we azyk senagatlarynyň aýratyn pudaklaryny (haçan-da soňky gaýtadan işlemeklige niýetlenen önüm şu edara görnüşli tarapyň bir sehinden beýleki sehine özüne düşýän gymmaty boýunça däl-de, lomaý goýberiliş nyrhlary boýunça geçirilýär) goşman, zawodyň öz içerki dolanyşygynyň gymmatyny almazdan hasaplanylýar.

Özleri tarapyndan öndürilen taýýar we ýarym taýýar önümleriň şu edara görnüşli tarap bilen öz senagat-önümçilik zerurlyklaryna peýdalanylýan böleginiň gymmaty (şu edara görnüşli tarapyň esasy gaznasynyň (serişdeleriniň) düzümine girýän önümlerden başga) edara görnüşli tarapyň içerki zawod dolanyşygy hasap edilýär.

13. Öndürilen senagat önüminiň möçberine şu aşakdakylar **goşulýar**:

a) hojalyk ýöredijiniň ähli bölümçeleri bilen hasabat döwründe (öz çig malyndan we materiallaryndan, şonuň ýaly-da sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan) öndürilen, daşary çykarmaga, öz düýpli gurluşygyna, senagata degişli bolmadyk bölümlerine bermäge, öz esasy gaznalarynyň (serişdeleriniň) düzümine geçirmäge, şonuň ýaly-da öz işgärlerine zähmet hakynyň hasabyna tölemäge niýetlenen taýýar önümleriň gymmaty;

b) olaryň hasabat döwründe ýa-da öň öndürilendigine garamazdan, hasabat döwründe daşyna goýberilen, öz düýpli gurluşygyna we öz senagat däl bölümçelerine goýberilen öz öndüren ýarym taýýar önümleriniň gymmaty;

ç) daşyndan gelen sargytlar boýunça, öz düýpli gurluşygy we öz senagat däl bölümçeleri üçin ýerine ýetirilen senagat häsiýetli işleriň (hyzmatlaryň), şeýle hem öz enjamlaryny döwrebaplaşdyrmak we durkuny täzelemek boýunça işleriň gymmaty;

d) hasabat döwründe önümçiligi tamamlanmadyk uzak möhletleýin önümçilik tapgyrly önümler taýýarlamak boýunça işleriň gymmaty.

14. Önümiň taýýarlygyny we onuň düzümini kesgitlemek üçin şulardan ugur almak gerek.

Bellenilen tehnologiýa laýyklykda önümleriň öndürilişi şol kärhanada doly tamamlanan, olar doly ýygnalan, öndürijiniň tehniki gözegçilik gullugy tarapyndan kabul edilen we standartlarda bellenilen olaryň hilini we hökmany talaplara laýyklygyny tassyklaýan resminamalar, tehniki ýagdaýlarda önümi ibermek üçin şertnamalar, tehniki resminamalar bilen üpjün edilen bolsa önümler taýýar önümler diýlip hasap edilýär.

Eger önüm ibermek şertleri bilen önümleri ýerlerde sargytçynyň wekilleri bilen kabul etmek göz öňünde tutulan bolsa, onda önümler sargytçynyň wekilleri tarapyndan we kabul ediş güwänamasy bilen kabul edilenden soň önümler taýýar diýip hasaplanylýar.

Eger önüm kabul ediş güwänamasy bilen resmileşdirilen we sargytçynyň taýýar önümler ammaryna tabşyrylan ýa-da hasabat döwrüniň iň soňky gününiň ýerli wagty bilen sagat $24^{00}$-a çenli iberilen bolsa, işlenip çykarylan önüm hasabat döwrüniň taýýar önümleriniň düzüminde hasaba alynýar.

Iki çalşykly iş düzgünli kärhanalarda (haçan-da ikinji çalşyk sagat $24^{00}$-dan soň tamamlanýan bolsa), şeýle hem üç çalşykly iş düzgünli kärhanalarda (haçan-da iş tertibi boýunça birinji çalşyk diýip irdenki çalşyk hasaplanýan bolsa), eger önüm öndürilen, kesgitlenen tertipde kabul edilen we ammara ýa-da buýruja tabşyrylan ýa-da hasabat döwrüniň indiki aýynyň birine irden sagat $08^{00}$-a çenli degişli resminamalar bilen resmileşdirilen we iberilen bolsa, önüm hasabat döwri boýunça taýýar önümleriň düzüminde hasaba alynýar.

15. Öndürijä degişli çig maldan we materiallardan, şonuň ýaly-da öndüriji tarapyndan tölenen sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan işlenilip çykarylan önümler senagat öňüminiň möçberine öndürijiniň hereket edýän nyrhlarynda, şeýle hem geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda görkezilen çig malyň we materiallaryň gymmatyny aýyrmazdan senagat önüminiň möçberine goşulýar.

Taýýar önümi öndüriji tarapyndan tölenilmedik sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilen önümler, öndürijiniň hereket edýän nyrhlarynda, şeýle hem geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda senagat önüminiň möçberine şu çig malyň we materiallaryň

gymmatyny aýryp goşulýar. Bu önümler senagat önüminiň möçberine hereket edýän nyrhlarda, şeýle hem geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda (çig malyň we materiallaryň gymmatyny hasaba almak bilen) çig malyň we materiallaryň eýesi we şeýle hem taýýar önümiň eýesi bolan sargytçy kärhana tarapyndan goşulýar.

Öndürilen senagat önümleriniň möçberi kesgitlenende, gabyň gymmaty şular ýaly hasaba alynýar:

– eger önümleri gaplamak üçin ulanylýan gaplaryň gymmaty sarp ediji tarapyndan şu önümiň goýberiş nyrhynyň daşyndan tölenýän bolsa, onda bu yzyna gaýtarylmaýan öz önümçiliginiň gaby bolanda, şular ýaly gaplaryň gymmaty senagat önüminiň möçberine taýýar önümleriň gymmatynyň daşyndan goşulýar we bu gap satyn alynýan ýa-da yzyna gaýtarylýan gap bolanda, daşyndan goşulmaýar;

– eger öz önümlerini gaplamak üçin ulanylýan gaplaryň gymmaty alyjy tarapyndan taýýar önümleriň nyrhynyň daşyndan tölenmeýän bolsa, onda senagat önümleriniň möçberi kesgitlenende şu gaplaryň gymmaty taýýar önümleriň gymmatyndan aýrylmaly däldir.

16. Daşyndan ýa-da öz senagat däl bölümçeleriniň sargytlary boýunça öndürilen senagat önümleriniň möçberine goşulýan senagat häsiýetli işlere (hyzmatlara) şu aşakdaky görkezilen öz güýçleri bilen ýerine ýetirilen işler girýär:

a) enjamlaryň, ulag serişdeleriniň, mehanizmleriň, gurallaryň we beýleki önümleriň abatlanyşy, döwrebaplaşdyrylyşy we tehniki taýdan hyzmaty;

b) materiallary, bölek we esasy şaýlary bölekleýin işlemek boýunça aýratyn işler, beýleki kärhanalar tarapyndan taýýarlanan önümleri doly taýýar durkuna getirmek boýunça işler (mysal üçin, bir ülňä getirmek üçin agaç tagtalaryny, aýnany, kagyzy, simleri we beýleki önümleri kesmek, agaç tagtalaryny ýonmak we ýylmamak, ýylylyk bilen işlemek, ýylmamak, sinklemek, galyplamak, aşgarlamak, matalary biçmek, şol sanda mebelleriň daşyna çekilýän matalary, örülen matalary, gönleri biçmek, önümleri tikmek we nagyşlamak), önümleri gaplamak we gaplara guýmak we ş.m.);

ç) sargytçynyň öz öndüren enjamlarynyň, şeýle hem sargytçynyň enjamlarynyň işledilmegi we sazlanylmagy.

Eger öz enjamlaryny, ulag serişdelerini, mehanizmleri, gurallary döwrebaplaşdypmak ýa-da durkuny täzelemek işleriniň

netijesinde olaryň tehniki häsiýetnamalary ýa-da başdaky garaşylýan olary ulanmak möhleti ep-esli uzalýan bolsa, onda şol işler öndürilen senagat önümleriniň möçberine goşulýan senagat häsiýetli işlere (hyzmatlara) hem degişlidir.

Senagat häsiýetli işler (hyzmatlar) diňe olar tutuşlygyna ýerine ýetirilenden we olaryň kabul edilişi bellenilen resminamalar bilen resmileşdirilenden soň, öz gymmaty boýunça öndürijiniň önüm goýberýän hakyky nyrhlarynda, şeýle hem geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda öndürilen önümleriniň möçberine goşulýar. Senagat häsiýetli işleriň (hyzmatlaryň) gymmatyna şonda harçlanan öz materiallarynyň, bölekleriniň, şaýlarynyň, ätiýaçlyk şaýlarynyň gymmaty goşulýar, ýöne işläp bejermek, abatlamak ýa-da doly taýýar ýagdaýyna getirmek üçin sargytçydan gelen önümleriň, materiallaryň, bölekleriň, şaýlaryň, ätiýaçlyk şaýlaryň gymmaty goşulmaýar.

17. 13d bentde görkezilen önümçiligiň uzak möhletleýin tapgyrly önümleri diýip sargytçy bilen hasaplaşyk aýratyn töleg tapgyrlary (tehnologiýa boýunça meýilleşdirilen-hasaba alyş birlikleri) boýunça alnyp barylýan önümlere düşünilýär.

Önümçiligiň uzak möhletleýin tapgyrly öndürilen senagat önümleriniň möçberine (işlere, hyzmatlara) şu aşakdakylary goşmaly:

– maşynlar we enjamlar boýunça – eger sargytçy bilen baglaşylan şertnamanyň tertibine we oňa goşulýan özboluşly aýratynlygyna laýyklykda (gurnaýyş bölekleriniň gymmatyny görkezmek bilen), şeýle hem bellenilen ülňüler, tehniki şertler, tehniki delilnamalar bilen bu enjamy taýýarlamak, ibermek we aýratyn gurnaýyş bölekleri bilen iberilişi we tölegi göz öňünde tutulan bolsa, enjamlaryň gurnaýyş bölekleriniň ýygyndysynyň tutuşlygyna taýýarlanyp we ýüklenilip gutarylmanka bellenilen tertipde kabul edilen we sargytçy tarapyndan tölenen gymmaty;

– gämi gurluşyk senagat pudagy we gämi abatlaýyş boýunça – korabllary we gämileri gurmaklygyň, kämilleşdirmegiň, gaýtadan enjamlaşdyrmagyň tamamlanan töleg tapgyrlary boýunça, iri gämi abatlamak boýunça sargytçy tarapyndan kabul edilen işleriniň gymmaty. Önümçiligi tamamlanan işler töleg tapgyrlarynyň möçberinde jemlenen bolmalydyr we töleg tablisalaryna laýyk gelmelidir. Töleg tapgyrlarynyň taýýarlygy öndüriji we sargytçy

tarapyndan wekiller bilen gol çekilen resminamalar esasynda tassyklanylýar. Iň soňky (tabşyrylýan) töleg tapgyry gämini kabul etmek baradaky resminama gol çekilenden soň önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberine goşulýar.

18. Senagat önüminiň umumy möçberinden sertifikat berlen önümleriň möçberi bölünip aýrylýar (eger ol döwlet statistik hasabatlylyk formasynda göz öňünde tutulan bolsa).

Sertifikat berlen önüm – bu önümiň halkara, döwlet ülňüleriniň ýa-da beýleki kadaly resminamalaryň hökmany talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan sertifikasiýa bermek boýunça ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan bellenilen tertipde sertifikat berlen senagat önümidir.

19. Senagat önüminiň möçberine aşakdakylar goşulmaýar:

a) bellenilen standartlara, tehniki şertlere, tehniki resminamalara laýyk gelmeýan önümleriň, ýarym taýýar önümleriň we senagat häsiýetli işleriň gymmaty;

b) şu hojalyk ýörediji bilen satyn alnan we işlenilmän ya-da gaýtadan işlenilmän daşyna goýberilen materiallaryň, ýarym taýýar önümleriň we önümleriň gymmaty (hat-da ýerleşdirilmezinden ozal olaryň hili barlanylýan, olar hil boýunça bölünýän, gaplanylýan we beýleki işler geçirilýän bolsa-da);

ç) başlangyç çig malyň galyndylary bolan (gyryndylar, kesindiler we beýlekiler) önümçiligiň galyndylarynyň, şeýle hem agramly gyýkyndylaryň, gyrak-bujaklaryň we beýlekileriň gymmaty. Eger galyndylar ýerleşdirilýän bolsa we şonda olar deslapky ýuwulma, seçilmä, gaplanma we ýerlemek üçin şuňa meňzeş taýynlanma işler geçirilýän bolsa, onda öndürilen senagat önüminiň möçberine diňe galyndylary ýerlemeklige taýýarlamak boýunça öz güýçleri bilen ýerine ýetirilen işleriň gymmaty goşulýar.

Şu hojalyk ýörediji tarapyndan soňundan gaýtadan işlenilmezden daşyna ýerlenilýän esasy önümiň önümçilik işinde alnan ugurdaş (biri-birine bagly) önüm (sinkiň kükürtli okisi, butil spirti, natriý sulfaty, koks gazy, künjara, barda, şugundyryň löti, kepek, ýagy alnan süýt, uýan süýt, piwo taýýarlananda galýan däne galyndysy, şrot, melassa we ugurdaş önümleriň beýleki görnüşleri) galyndy hasap edilmeýär we senagat önüminiň düzümine goşulýar;

d) öz senagat-önümçilik enjamlaryny düýpli we ýeňil abatlamagyň netijesinde onuň başlangyç tehniki häsiýetnamalary üýtgemeýän halatynda, şol abatlamak boýunça işleriň gymmaty;

e) senagat işlerine degişli bolmadyk önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň gymmaty:

– gurluşyk işleriniň, jaýlary, desgalary we geçiriji desgalary düýpli we ýeňil abatlamak boýunça işleriň, abatlaýyş-gurluşyk hyzmatlaryň gymmaty;

– enjamlary gurnamak boýunça işler (gurnaw barlagyny we hilini gözden geçirmekligi goşmak bilen hemişe ulanylýan ýerinde enjamlary ýygnamak we dikeltmek boýunça, enjamlara geçirijileri gurnamak boýunça, tehnologiki demir gurnawlaryny gurnamak we dikeltmek boýunça, dikeldilen enjamyň izolýasiýasy we reňklenilmegi boýunça işler);

– ulaglaryň hemme görnüşleri boýunça hyzmatlaryň gymmaty;

– oba hojalyk we senagat däl häsiýetli beýleki senagat däl önümleriň gymmaty, dükanlaryň, klublaryň, dynç alyş öýleriniň girdejileri, ýaşaýyş jaýlaryny, jemagat hojalyk we durmuş desgalaryny (hammamlar, dellekhanalar, kireýine berilýän punktlar we beýlekiler) ulanmakdan gelen girdejiler. Ýöne, eger senagat däl bölümçeler senagat önümlerini (mysal üçin, kömekçi hojalyklar tarapyndan öndürilen ösümlik ýagy) öndürýän bolsa, onda ol öndürilen senagat önümleriniň möçberine goşulýar;

f) kepillendirilen abatlaýyş işleriniň we öz öndüren önümleriniň kepillendirilen hyzmatynyň gymmaty, şeýle hem şular ýaly maksatlar üçin goýberilen öz öndüren taýýar önümleriniň we ätiýaçlyk şaýlarynyň gymmaty;

g) döredejilik häsiýetli işleriň (suratkeşler tarapyndan ýerine ýetiren suratlaryň, heýkelleriň, grafiki şekilleriň we şuňa meňzeşleriň asyl nusgalary), şonuň ýaly-da çeperçilik-bezeg işleriniň hemme görnüşleriniň (bezeg taslamalary we muzeýleri, witrinalary, diwarlary, reklamalary we beýlekileri bezemek) gymmaty;

h) öz öndüren önüminiň gymmaty, eger ol laboratoriýa seljermesine ýa-da seçimleýin synaglara sezewar edilen we şonuň netijesinde-de ulanmak üçin ýaramsyz bolan bolsa.

### 3. Geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda senagat önüminiň möçberi

20. Geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda senagat önüminiň möçberini hasaplamak üçin her önüm (marka, hil) boýunça ortaça ýyllyk nyrhy hasaplamaly. Şunuň üçin her önümiň (markanyň, hiliň) gymmaty geçen ýyl boýunça şu önümiň mukdaryna bölünýär. Hasaplanan nyrh hasabat döwründe we geçen ýylyň degişli döwründe öndürilen önüm üçin hasabat ýylyň dowamynda geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlarynda senagat önüminiň möçberini hasaplamak üçin ulanylýar.

Hasaplamanyň mysaly:

| Önümiň ady | Önümiň birligi üçin geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhy, manat | Hasabat döwri boýunça natural görnüşinde önümiň öndürilişi | Geçen ýylyň degişli döwri boýunça natural görnüşinde önümiň öndürilişi | Hasabat döwründe öndürilen önümiň ortaça ýyllyk nyrhlarynda gymmaty, manat (süt.1*süt.2) | Geçen ýylyň degişli döwründe öndürilen önümiň ortaça ýyllyk nyrhlarynda gymmaty, manat (süt.1*süt.3) |
|---|---|---|---|---|---|
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Önüm 1: | | | | | |
| A markaly | 946,20 | 500 | 480 | 473 100 | 454 176 |
| B markaly | 1 352,30 | 250 | 260 | 338 075 | 351 598 |
| Önüm 1 – jemi | | | | **811 175** | **805 774** |
| Önüm 2: | | | | | |
| A markaly | 456,50 | 120 | 110 | 54 780 | 50 215 |
| B markaly | 392,10 | 800 | 480 | 313 680 | 188 208 |
| Önüm 2 – jemi | | | | **368 460** | **238 423** |
| Geçen ýylyň or-taça ýyl-lyk nyrh-larynda önümiň möçberi | | | | **1 179 635** | **1 044 197** |

## 4. Iberilen önümleriň möçberi

21. Öndürijiniň hasabyna puluň gelendigine ýa-da gelmändigine garamazdan, öz öndüren we hasabat döwründe sarp edijilere hakyky iberilen (geçirilen) önümleriň (sargytça ýerinde kabul ediş resminamasy boýunça berlen önümi hem goşmak bilen), sargytçy tarapyndan kabul edilen ýerine ýetirilen işleriniň we senagat häsiýetli hyzmatlaryň gymmaty iberilen önümleriň möçberi bolup durýar.

Önümleriň iberilen pursaty diýlip şu aşakdakylar hasap edilýar:

– beýleki şäherlerdäki alyjylara önüm ugradylanda – ulag ýa-da aragatnaşyk edaralaryna önümleriň tabşyrylan senesi; bu sene ulag guramasy tarapyndan ibermek üçin ýüküň kabul edilenligini tassyklaýan resminamadaky (haryt-ulag ýanhaty, demir ýol petegi, yol haty we beýlekiler) senesi boýunça kesgitlenilýär;

– alyjynyň ýa-da öndürijiniň ammarynda önüm tabşyrylanda – taýýar önümi ýerinde tabşyrmak delilnamasynyň senesi ýa-da senagat häsiýetli işleriň (hyzmatlaryň) ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalara (kabul ediş-tabşyryş delilnamasy, önümi alandygy baradaky dil haty we beýlekiler) alyjynyň gol çeken senesi.

22. Iberilen önümiň möçberine şu aşakdakylaryň gymmaty goşulýar:

a) hojalyk ýöredijiniň hemme bölümçeleri tarapyndan (öz çig malyndan we materiallaryndan, şeýle hem sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan) öndürilen we hasabat döwründe daşyna, öz düýpli gurluşygyna we senagat däl bölümçelerine iberilen, öz esasy gaznalarynyň (serişdeleriniň) düzümine girizilen, şonuň ýaly-da zähmet hakynyň hasabyna öz işgärlerine berlen taýýar önümleriniň gymmaty;

b) hasabat döwründe daşyna ugradylan, özüniň düýpli gurluşygyna we özüniň senagat däl bölümçelerine iberilen öz öndüren ýarym taýýar önümleriniň gymmaty;

ç) daşyndan sargytlar boýunça, öz düýpli gurluşygy ýa-da özüniň senagat däl bölümleri üçin ýerine ýetirilen we hasabat döwründe sargytça tabşyrylan, şonuň ýaly-da özüniň enjamlaryny döwrebaplaşdyrmak we olaryň durkuny täzelemek boýunça senagat häsiýetli işleriň (hyzmatlaryň) gymmaty.

23. Alyjy tarapyndan tölenen, ýöne hasabat döwründe iberilmedik önümleriň gymmaty iberilen önümleriň möçberine goşulmaýar.

Alyjy tarapyndan kabul edilen we tölenen, ýöne öndürijä kadadan çykma hökmünde özüne bagly bolmadyk sebäplere görä öndürijiniň jogapkärliginde saklamak üçin goýlan we saklamaklyga dil haty bilen resmileşdirilen önümleriň gymmaty ugradylan önümleriň möçberine goşulýar.

24. Taýýarlyk derejesine baglylykda sargytçy tarapyndan şertnama laýyklykda tapgyrlaýyn tölenýän önümler, haçan-da olaryň önümçiligi tutuşlygyna tamamlanan we olar hakykatdan sarp edijilere iberilen ýagdaýynda iberilen önümleriň möçberine goşulýar.

25. Eger hojalyk ýörediji ýarym taýýar önümleri, taşlanan önümleri, bölekleri öndürýän bolsa we şol önümleri bölekleýin işläp çykarmak ýa-da doly taýýarlamak üçin beýleki hojalyk ýöredijä berýän bolsa (tölegli ýa-da tölegsiz), soňra-da olary yzyna gaýdyp alyp taýýar önümleri öndürmekde ulanýan bolsa, onda iberilen önümleriň möçberine diňe olaryň önümçiligi tutuşlygyna tamamlanan we hakykatdan sarp edijilere iberilen bolsa taýýar önümleriň gymmatyna goşulýar.

26. Sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan işlenilip taýýarlanan, öndüriji kärhana tarapyndan tölenilmeýän önümler iberilen önümleriň möçberine taýýarlanyş gymmaty boýunça, ýagny sargytçynyň çig malynyň we materiallarynyň gymmatyny hasaba almazdan goşulýar.

27. Döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynda iberilen senagat önümleriniň möçberi öndürijiniň hakyky goýberýän nyrhlarynda goşulan gymmaty üçin salgytsyz we goşmoça tölegsiz görkezilýär.

## 5. Önümiň möçberini kesgitlemekde ulanylýan nyrhlar barada

28. Öndürilen senagat önüminiň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmatlyk görnüşindäki möçberi maglumatlar haýsy döwür üçin boýunça getirilýän bolsa, şol döwürde hakyky hereket eden öndürijiniň önüm goýberýän nyrhlarynda (goşulan gymmaty üçin

salgytsyz we aksizsiz) hasaplanylýar. Senagat önümçiliginiň möçberiniň üýtgemegini kesgitlemek üçin geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlary ulanylýar (goşulan gymmaty üçin salgytsyz we goşmoça tölegsiz).

29. Öndürilen we iberilen senagat önüminiň möçberini kesgitlemeklik ugradylýan stansiýa franko-wagon nyrhlary boýunça amala aşyrylýar.

Eger önüm üçin diňe barylýan stansiýa franko-wagon nyrhlary ulanylýan bolsa, onda önümiň möçberi kesgitlenende ugradylýan stansiýadan barylýan stansiýa çenli önüm daşamaklygyň gymmaty umumy jemden aýrylýar.

Eger önüm üçin diňe önüm öndürijiniň franko-ammar nyrhlary ulanylýan bolsa, onda önümiň möçberini kesgitlemeklik şu nyrhlar boýunça amala aşyrylýar.

Aýratyn ýagdaýlarda geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlary hökmünde:

– önümçiligi şu ýylda başlanan we ýylyň dowamynda dowam edýän täze önüme (işlere, hyzmatlara) – önümçiligiň birinji aýynyň nyrhlary;

– bir gezeklik buýurmalar boýunça öndürilen önüme (işlere, hyzmatlara) – hakyky ýerlenilýän nyrhlary hökman ulanmaly.

30. Hasabat döwründe öndürilen we daşyna ibermek üçin niýetlenen, ýöne entek iberilmedik we tölenilmedik taýýar önümler, olar öndürilen aýynda hereket eden ortaça nyrhlar boýunça öndürilen senagat önümleriniň möçberine goşulýar.

31. Çalyşmak boýunça goýberilýän, sarp edijilere yzyna gaýtarylmasyz berilýän, öndüriji tarapyndan öz senagat däl zerurlyklaryna gönükdirilýän, zähmet hakynyň hasabyna öz işgärlerine berilýän, şeýle hem özüniň esasy gaznalarynyň (serişdeleriniň) düzümine goşmak üçin niýetlenilen önümler (işler, hyzmatlar) hakyky goýberilýän nyrhlardaky öndürilen (iberilen) senagat önümleriniň möçberine goşulanda, kesgitlenýän önüm haýsy aýda öndürilen (iberilen) bolsa, şol aý boýunça hasaplanan şolar ýaly ýa-da şoňa meňzeş önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilýän ortaça nyrhy boýunça kesgitlenilýär; aý boýunça şolar ýaly ýa-da şoňa meňzeş önüm (işler, hyzmatlar) ýerleşdirilmedik ýagdaýynda onuň soňky gezekki ýerlenilen nyrhy boýunça kesgitlenilýär, ýöne ol önümiň hakyky özüne düşýän gymmatyndan pes bolmaly däl.

32. Eksporta iberilýän önümler öndürilen senagat önümleriniň möçberine öndürijiniň hakyky goýberýän nyrhlarynda şol önümiň öndürilen senesinde Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt pul biržasy tarapyndan kesgitlenilen manadyň hümmeti boýunça hasaplanylan geleşik nyrhlary boýunça goşulýar; geleşik nyrhlaryndan goşulan gymmaty üçin salgydy, goşmaça tölegleri, gümrük tölegleri we önüm iberilen stansiýadan eksport punktyna çenli ulag çykdajylary aýrylýar.

Önümleriň eksporta iberilmegi ýokary durýan guramalar tarapyndan amala aşyrylýan ýagdaýynda, kärhana bu önümleri öndürijiniň içerki goýberilýän nyrhlary boýunça öndürilen we iberilen önümleriň möçberine goşýar. Önümleriň eksporta iberilmegini amala aşyrýan ýokary durýan gurama öndürilen we iberilen önümleriň gymmatyny kärhana tarapyndan hasaplanan içerki goýberilýän nyrhlarynyň gymmatyny aýryp, sebitler boýunça tabşyrýarlar.

Görkezilen önümler iberilen önümleriň möçberine iberilen senesinde Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt pul biržasy tarapyndan kesgitlenilen manadyň hümmeti boýunça hasaplanylan geleşik nyrhlary boýunça goşulýar.

## 6. Önümleriň natural görnüşde öndürilişi

33. Senagat önümleriniň ýylyň jemleri boýunça düzülen döwlet statistik hasabatlylyk formasynda hojalyk ýöredijiniň öndüren senagat önüminiň hemme görnüşleriniň önümçiligi barada maglumatlar, sarp ediş harytlaryny hem goşmak bilen görkezilýär.

Senagat önümleriniň doly däl ýyl boýunça (aý, çärýek we ş.m.) düzülen döwlet statistik hasabatlylyk formasynda döwlet statistika edaralary tarapyndan bellenilen önümleriň görnüşleriniň sanawy boýunça maglumatlar görkezilýär.

34. Önümleriň natural görnüşde öndürilişi baradaky maglumatlar önümleriň esasy ýa-da kömekçi sehlerde ýa-da önümçiliklerde öndürilendigine garamazdan, döwlet statistik hasabatlylyk formasynda görkezilýär. Formada doly gymmatly çig mallardan, şonuň ýaly-da galyndylardan, özüniň çig malyndan we materiallaryndan, şonuň ýaly-da sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilen önümleriň önümçiligi barada maglumatlar görkezilýär.

Şu görnüşiň ähli önümi sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilýän ýagdaýynda formada önümiň şu görnüşiniň sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilendigi görkezilýär.

Eger önümiň bir bölegi özüniň çig malyndan we materiallaryndan, beýleki bölegi sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilýän bolsa, onda döwlet statistik hasabatlylyk formalarynda şeýle önümiň öndürilişi barada maglumatlar iki setir bilen görkezilýär:

a) önümiň (toparyň, kiçi toparyň) şu görnüşi boýunça hemmesi;

b) şol sanda: sargytçynyň çig malyndan we materiallaryndan öndürilen önüm.

35. Önümleriň natural görnüşde öndürilişi baradaky maglumatlar döwlet statistika edaralary tarapyndan habar berlen Senagat önümleriniň sanawynda görkezilen ölçeg birliklerinde görkezilýär. Eger şol bir önüm üçin iki ölçeg birligi göz öňünde tutulan bolsa, onda maglumatlar ölçeg birlikleriniň ikisinde hem görkezilýär.

36. Önümleriň natural görnüşde öndürilişi baradaky maglumatlara daşary çykarmak üçin, özüniň düýpli gurluşygyna we özüniň senagat däl hojalyklaryna ibermek üçin niýetlenilen, zähmet hakynyň hasabyna öz işgärlerine berlen, şonuň ýaly-da öndürijiniň senagat-önümçilik zerurlyklaryna niýetlenen önümler (ýagny, jemi çykarylany) hem goşulýar. Mysal üçin, egirme-dokma fabrigi şol fabrigiň dokma sehine gaýtadan işlemek üçin ugradylan ýüplügiň ahli öndürilenini görkezmeli. Kadadan çykma hökmünde önümleriň käbir görnüşleri boýunça maglumatlar harytlaryň çykarylyşy boýunça, ýagny öndüriji tarapyndan öz senagat-önümçilik zerurlyklary üçin harçlanan önümleri goşmazdan görkezilýär.

37. Ülňülerden ýa-da tehniki şertlerden çykyp taýýarlanan önümler boýunça maglumatlar, hat-da şol önümler daşyna ýerleşdirilen hem bolsa, döwlet statistik hasabatlylyk formasynda görkezilmeýär.

Eger hojalyk ýörediji ýaramsyz bolup çykan öz öndürmedik önümlerini dikelden bolsa, onda şolar ýaly önümler boýunça maglumatlar önümleriň natural görnüşde öndürilişi baradaky maglumatlara goşulmaýar.

Daşyndan alnyp we şu hojalyk ýörediji tarapyndan gaýtadan işlenilmedik önüm baradaky maglumatlar, eger şol önüm ýerlenilmänkä onuň hili barlanylan, saýlanylan, hili boýunça bölünen,

gaplanan hem bolsa, döwlet statistik hasabatlylyk formasyna goşulmaýar.

38. Maglumatlaryň deňeşdirilmegini üpjün etmek üçin önümçiligi gymmatlyk görnüşinde hasaba alynýan senagat önümleriniň aýratyn görnüşleri (ätiýaçlyk şaýlary, gurallar, enjamlar, derman serişdeleri we başgalar) boýunça hasabat we geçen ýyllaryň degişli döwürleriniň görkezijileri hasabat döwrüniň hakyky hereket edýän nyrhlarynda görkezilýär.

Geçen ýylyň degişli döwri boýunça maglumatlary emele getirmekde geçen ýylda öndürilen, ýöne hasabat ýylynda öndürilmeýän önümler (işler, hyzmatlar) geçen ýylda hereket eden nyrhlar boýunça kesgitlenilýär; şu nyrhlar geçen ýylda, şeýle hem hasabat döwründe önümçiligi amala aşyrylan meňzeş önümleri (işleri, hyzmatlary) boýunça nyrhlaryň üýtgemek koeffisiýentine düzedilýär.

39. Aýyň ahyryna taýýar önümleriň galyndylary gymmatlyk we natural görnüşde hasaba alynýar. Taýýar önümleriň galyndylary diýip hasabat aýynyň ahyryna iberilmedik we öndürijiniň ammarynda bar bolan öz önümçiliginiň önümleriniň galyndylary (jogapkärçilikli saklanýan we döwlet gaznasyndaky önümleri hasaba almazdan) hasap edilýär. Olaryň gymmatlyk görnüşindäki kesgitlenilişi goşulan gymmat üçin salgydy we goşmaça tölegleri hasaba almazdan öndürijiniň hasabat aýyndaky hakyky goýberilýän nyrhlarynda amala aşyrylýar.

## 7. Goýberilýän nyrhlarda sarp ediş harytlarynyň öndürilişi

40. Sarp ediş harytlary – söwda nokatlary arkaly we gös-göni ilata ýerlemek üçin niýetlenen önümler. Sarp ediş harytlarynyň möçberi GGS-i we goşmaça tölegleri hasaba almak bilen goýberilýän nyrhlarda hasaplanylýar.

Sarp ediş harytlarynyň möçberine azyklyk, azyk däl harytlar we alkogolly içgiler (piwony goşmak bilen) goşulýar. Azyk däl harytlaryň düzümine ýeňil senagatyň önümleri, medeni-durmuş, hojalyk maksatly harytlar we beýleki önümler degişli.

41. Sarp ediş harytlarynyň natural we gymmatlyk görnüşde önümçilik möçberi, kada bolşy ýaly, haryt çykarylyşy boýunça, ýagny hojalyk ýöredijiniň içerki senagat-önümçilik zerurlyklaryna harçlanan önümlerini (şu gollanmada görkezilen harytlaryň aýratyn görnüşlerini aýyrmak bilen) hasaba almazdan kesgitlenilýär.

Görkezilen möçbere senagat önümlerini öndürýän (şol sanda olaryň esasy işiniň önümi bolmadyk) hojalyk ýöredijileriň hemmesi bilen öndürilen sarp ediş harytlary göşulýar.

42. Hojalyk ýöredijiler tarapyndan bilelikdäki işiň netijesinde öndürilen sarp ediş harytlarynyň önümçilik möçberi gatnaşyjylaryň her biri bilen olaryň arasynda baglaşylan şertnamada göz öňünde tutulan tertipde we ýagdaýda, taýýar önümleriň gymmatynyň çäginde hasaba alynýar.

43. Kärhanada gönüden-göni ilata satylan öz öndüren önümi sarp ediş harytlarynyň önümçilik möçberinde tölegli hyzmatlaryň möçberine gaýtadan goşman hasaba alynýar.

44. Sarp ediş harytlarynyň gymmatlyk görnüşde önümçilik möçberi hemme bellenilen salgytlary goşup, harytlaryň sarp edijilere hakyky ýerlenen nyrhlarynda, eksporta ibermek üçin niýetlenen harytlar boýunça bolsa, Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt pul biržasy tarapyndan kesgitlenilen manadyň hümmeti boýunça hasaplanylan geleşik nyrhlarynda hasaplanylýar. Maglumatlaryň deňeşdirilmegini üpjün etmek üçin hasabat we geçen ýylyň degişli döwürleriniň görkezijileri hasabat döwrüniň hakyky hereket eden nyrhlarynda getirilýär.

### 7.1. Sarp ediş azyklyk harytlar

45. Sarp ediş azyklyk harytlarynyň önümçilik möçberine şu aşakdakylar **goşulýar**:

a) azyk-tagam, et, süýt we un üweýji-ýarma senagatynda – önümiň ýerleşdirmek ugruna, goýberiliş şertlerine we soňky ulanylyşyna garamazdan, ýerleşdirmäge degişli bolan (ýagny şol hojalyk ýöredijiniň içerki senagat-önümçilik zerurlyklaryna harçlanan önümlerini aýryp, önümçilik möçberinde) taýýar azyk önümleriniň hemmesi;

b) senagat taýdan gaýtadan işlenilen, ýerleşdirmäge degişli bolan taýýar azyk önümleri (ýagny şol hojalyk ýöredijiniň içerki senagat-önümçilik zerurlyklaryna harçlanan önümleri aýryp, ýöne kärhana süýt taýýarlamak meýilnamasynyň hasabyna berlen süýt önümlerini, syry (brynzany), mal ýagyny hasaba almak bilen önümçilik möçberinde);

ç) balyk senagatynda – hemme gaýtadan işlenilen we konserwirlenen balyk önümleri, şeýle hem diri görnüşinde ýerlenilen balyk we beýleki balyk önümleri;

d) senagat, ulag we beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, özbaşdak balansda, şeýle hem esasy kärhananyň (birleşigiň), guramanyň balansynda duran kärhanalaryň (birleşikleriniň), guramalaryň ýanyndaky mal semrediş punktlaryny, ýyladyş kombinatlaryny goşmak bilen oba hojalyk bölümçelerinde – şu bölümçede gös-göni alnan (senagat taýdan gaýtadan işlenilen we işlenilmedik) önümiň möçberi, önümiň hakyky nyrhlar boýunça ýerleşdirilen böleginde bolsa – önümiň ýerleşdirmek ugruna, goýberiliş şertlerine we soňky ulanylyşyna garamazdan önümiň möçberi.

46. Alkogolly içgiler (arak we arak-likýor önümleri, üzüm we ir-iýmiş çakyry, konýak, şampan we piwo) sarp ediş harytlarynyň önümçilik möçberine goşulýar. Görkezilen önümleriň önümçilik möçberleriniň hasaplamalary sarp ediş azyk harytlarynyň önümçilik möçberleriniň hasaplamalary bilen birlikde amala aşyrylýar we aýratyn setir bilen hasaba alynýar.

### 7.2. Sarp ediş azyk däl harytlar

47. Sarp ediş azyk däl harytlaryň önümçilik möçberine şu aşakdakylar **goşulýar**:

a) ýeňil senagatyň harytlary:

– taýýar önümler, şol sanda ýörite, iş we belli bir görnüşde taýýarlanan geýimler we aýakgap, şeýle hem sütük, sütükli, içmek-possun önümleri, rulonlanan syrma – olaryň ýerleşdirmek ugruna, goýberiliş şertlerine we soňky ulanylyşyna garamazdan, önümçiligiň umumy möçberinde;

– süýümleriň hemme görnüşlerinden taýýarlanylýan ýüplük, agardylmadyk matalar, emeli örülen sütük, örülen matalar, emeli ýumşak gaýyşlar, plýonkalyk, jiltlik, plaşlyk we beýleki materiallar,– ilata we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalara satmak üçin söwda guramalaryna iberilen matalaryň ähli görnüşlerinden edilen haltalar.

Ýeňil senagatyň harytlarynyň möçberine zygyrdan edilen gaplyk matalar we brezent; mata görnüşli tehniki, dokalmaýan matalar; kendir-jut matalary; süýümiň ähli görnüşlerinden taýýarlanan

tehniki agyr matalar; senagat ýumagynda (mäşiriginde) hakyky ýüpek sapaklar we ilata satmak üçin gös-göni barmaýan beýleki önümler *goşulmaýar*;

b) medeni-durmuş we hojalyk üçin niýetlenilen harytlar we ilatyň isleg bildirýän beýleki taýýar azyk däl önümleri: durmuşda ulanylýan radio-elektron apparaturalar, durmuşda ulanylýan elektrik maşynlar we enjamlar; hususy ulanmak üçin ulag serişdeleri (ýeňil awtomobillerden beýlekileri) we olara degişli zatlar; surat we kino harytlary; durmuşda ulanylýan sagatlar, gap-çanak we aşhana enjamlary; hojalyk harytlary; bag-bakjaçylyk gurallary we hususy kömekçi hojalyklar ücin kiçi mehanizasiýanyň enjamlary we serişdeleri; plastmassadan edilen önümler; lak- boýagly materiallar; ownuk gaplara gaplanan mineral dökünler we durmuş himiýasynyň beýleki harytlary; mebel, bagçylyk öýjagazlary we hojalyk bloklary; galwaniki elementler we batareýalar; çeperçilik önümleri, saz gurallary, kagyz we kanselýariýa harytlary, oboýlar, tehniki döredejilik oýunjaklary we önümleri, sport we syýahatçylyk harytlary; sanitariýa-tehniki önümler, tutawaç we gulp önümleri, altyn-kümüş zergärlik önümleri; sabyn, parfýumeriýa-kosmetika önümleri, metal we plastmassa galantereýasy, derman serişdeleri, temmäki önümleri, kükürt, kesilen güller we beýleki harytlar – önümiň ýerleşdirmek ugruna, goýberiliş şertlerine we soňky ulanylyşyna garamazdan, önümçiligiň doly möçberinde;

ç) çap ediş önümleri (kitaplar, broşýuralar, žurnallar we beýleki žurnal görnüşli döwürleýin neşirler, gazetler, şekillendiriş neşirleri, kartografiki we beýleki sahypalaýyn çap önümleri) – çap ediş işi boýunça şertlendirilen nyrhlar boýunça önümçiligiň doly möçberinde;

d) ýeňil awtomobiller, daça-awtomobiller, daça-tirkegler – diňe ilata satmak üçin söwda guramalaryna iberilen we eksporta ibermek üçin bölegi; olaryň ätiýaçlyk şaýlary we bölekleri bolsa – ilata satmak we awtomobilleri abatlamak boýunça işleri geçirmek üçin kärhanalara, birleşiklere we guramalara iberilýän möçberde, şeýle hem eksporta ibermek möçberinde;

e) önümçilik-tehnika maksatly azyk däl önümler: tokaý, gurluşyk we bezeg materiallary, önümleri we gurnawlary, ýangyç we ýangyç-çalgy materiallary; hojalyk-durmuş enjamlaryndan we gurallaryndan başga gaz, elektrik we beýleki enjamlar we gurallar; gara we reňkli metallaryň sozmasy, dürli işler üçin niýetlenilen turbalar, önümçiligiň galyndylary; hemme pudaklaryň doly işlenilmedik materiallary we önümleri, haryt-maddy gymmatlyklaryň

artykmajy, islendik beýleki önümler – ilata satmak üçin söwda guramalaryna we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalara iberilen böleginde;

f) dürüşdelenen iýmler – bazar gaznasy boýunça olaryň ýerleşdiriliş böleginde;

j) bazardan daşary sarp edişe niýetlenen, emma ýolbaşçy edaralaryň aýratyn çözgütleri bilen ilatyň sarp ediş harytlaryna kadadan daşary degişli edilen önümler (mekdepler üçin okuw-görkezme we okuw enjamlary, attraksionlar we oýun awtomatlary we beýlekiler);

h) sarp ediş harytlaryny çykarmak üçin kärhanalaryň edara tabynlylygyna garamazdan beýleki kärhanalara iberilýän öz öndürýän ýygnalan onümleri, bölekleri, şaýlary, ýarym taýýar önümleri we ilata hyzmat etmek üçin durmuş hyzmatyny edýan kärhanalara iberilýan ätiýaçlyk şaýlary, bölekleri we durmuş tehnikasynyň agregatlary.

Sarp ediş harytlaryny çykarmak we durmuş hyzmatlary kärhanalary tarapyndan hyzmat etmek üçin ýygnalan önümleriň, bölekleriň, şaýlaryň we ýarym taýýar önümleriň önümçilik möçberine:

– ýeňil awtomobiller üçin ýygnalan önümler, bölekler, şaýlar we ýarym taýýar önümler, durmuş himiýasy harytlaryna, rezin aýakgaba, sabyna, şemlere, parfýumeriýa-kosmetiki önümlere, gurluşyk materiallaryna, önümlerine we gurnawlaryna, çilimlere, çap neşirlerine, ýeňil senagatyň önümlerine, äýneklere we äýnek çarçuwlaryna, dürüşdelenen iýmlere ýarym taýýar önümler; derman önümlerine ýarym taýýar önümler, esaslar we beýleki ýarym taýýar önümler;

– sarp ediş harytlaryny çykarmak we tölegli hyzmatlary etmek üçin beýleki kärhanlara iberilýän çig mallar, materiallar, berkleýji önümler, geçiriji simler, elektron tehnikasynyň ýygnalan önümleri, gaplamalar we gaplar *goşulmaýar*;

i) bellenilen meýilnamadan artyk alnan kondensatdan, şeýle hem işlenilen we senagat ähmiýeti bolmadyk, onuň gazylyp çykarylyşy we daşalmasy düşewüntsiz bolan ýatakdan alnan kondensatdan öndürilen we ilata satylan benzin, kerosin, dizel we peç ýangyçlary.

48. Ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar tarapyndan çykarylýan aýakgap, tikinçilik, örülen we beyleki taýýar önümler sarp ediş azyk däl harytlarynyň önümçiliginiň möçberine *goşulmaýar*. Görkezilen önümler tölegli hyzmatlary ýerleşdiriş möçberinde hasaba alynýar.

## 8. Hasabat maglumatlaryny düzetmegiň tertibi

49. Eger barlagda, emlägi tükellemekde we beýleki ýagdaýlarda şu ýylyň döwlet statistik hasabatlylyk formalarynda hasabat maglumatlarynyň ýalňyşlygy kesgitlenen bolsa, hasabat maglumatlarynyň düzedilişi ýalňyşlyk goýberilen hasabat döwri boýunça geçirilýär, şeýle hem bu hasabatyň artýan jemleýji maglumatlarynda we hemme indiki hasabatlarda geçirilýär.

Geçen ýylyň haýsy hem bolsa bir döwri boýunça hasabatlarda ýalňyşlyklar tapylan ýagdaýynda hemme düzedişler geçen ýylyň şol bir döwrüniň hasabat maglumatlaryna, indiki döwürler üçin artýan jemleýji maglumatlara, şeýle hem tutuşlygyna geçen ýyl boýunça maglumatlara girizilýär.

50. Eger şu ýa-da geçen ýylyň hasabatlarynda hasaba alnan önümleriň buýruja tabşyrylandan soň ülňä (tehniki şertlere) laýyk gelmeýänligi anyklanylan bolsa, onda bu ýagdaý pudakara we edara gözegçiligi, guramalary tarapyndan haýsy aýda ýüze çykarylan bolsa, şol aýyň hasabatynda şol önümler hasabat aýy we ýylyň başyndan bäri artýan jemleri boýunça harytlyk önümiň möçberiniň we natural görnüşdäki önümleriň maglumatlaryndan aýrylmaly.